# Ýazypdyrlar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýazypdyrlar…

ÝAZYPDYRLAR…

Ýazypdyrlar: "Gül ýigitdi, hoşgylawdy, pamykdy,
Ýazlar ýaly arassady, bir bigünä gämikdi.
Garynjany ynjytmazdy, "ýok" sözüni bilmezdi,
Ýere bakyp geçip gitdi, görmän asman gümmezni".

Ýazypdyrlar: "Çeýnelse-de, hiç kimi çeýnemändi,
Öňde-soňda tolkunmandy, hiç mahal aýnamandy.
Akraplar ýatdy görgülä, ýatdy gyşyň awusy…"
Şeýdip, kän gideripdir, ol agzyndaky awuny.

Ýüzün gorap gezipdir, tutduryp kebzelerni,
Aýgyt edip sogurmandyr ýamanlaň teblelerni.
Bu gün bolsa üýşüp-üýşüp, ýylgyryşyp öwýärler ~
Şeýlerägem ömür sürüp, gelip-gitseň bolýar-ow…

Baýram JÜTDIÝEW.

Goşgular